# Sadaka / esse

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sadaka / esse SADAKA




Sadaka diýen zady bermelidigini men öňden bilýärdim. Sadaka berýän adama "Asmandan" hem ýeňillikleriň boljakdygy barada "Esasy Gollanmada" köp agzalyp geçilýär: "Kimde kim sadaka berse, Men oň ýerine iki esse edip gaýdyp bererin, eger kimde kim şeýle usul bilen gazanjak bolsa, onda hiç zat başa barmaz". Sistema şeýle işleýär, sadakany ak ýürekden berseň, ol 2 esse bolup gaýdyp gelýär, eger sadakaň işleýiş mehanizmlaryna düşünip, öz pulyňy 2-ä köpeltjek bolsaň, sende hiç zat başa baranok. Men hem öz wagtynda Sadaka atly sistemaň işleýşini barlamaga synanşdym. Birne Hudaýýoly berdim we 2 esse bolup gaýdyp gelerine garaşdym, elbetde hiç zat gaýdyp gelmedi, sebäbi meň nýetim sadaka dälde, öz pulymy 2 esse köpeltmekdi. Soň men bir işdeş aýalyň telefon nomerine 5 manat saldym we şol bada eden işimi unytdym, ol aýal haýsy belgiden puluň geçenini bilenokdy. Aradan köp wagt geçmäkä meň hem belgime nätanyş biri 10 manat saldy. Hemişe şeýle zatlardan soň, telefonyňa ýalňyşyp pul oklan adam, puly yzyna soraýardy, emma şol gün hiç kim maňa jaň edip pul soramady. Şeýdip, meň birniň telefonyna sadaka diýip geçiren 5 manadym, yzyna 10 manat bolup geldi. Şol  işdeş aýalyň ýoldaşy ýokdy we ýeke özi 3 çagany ekleýärdi. Elbetde sadaka beriň diýip Hudaýyň özi aýtsada, Oňa hiç kim boýun bolasy gelmez, ýöne şeýle sözleri

dünýä belli ýazyjy diýse näme? Robert Kiosaki atly biriniň bir kitaby bar. Kitabyň ady: "Baý kaka, garyp kaka". Kitapda awtor öz kakasy bilen, öz dostynyň biznismen kakasyny deňeşdirýär we pul gazanmakda her dürli maslahat berýär. Kitabyň esasy pikirine görä, pul diýen zat ýatmaly dälde, elmidama aýlanşykda bolmaly, girdeýji getirmeli. Garaz şol kitap ekanomika boýunça maslahatlar berýär, ýöne kitabiň bir ýerinde, awtor, eger sadaka bermeseňiz, hiç zat gazanyp bilmersiňiz diýýär. Özem şol soragda öz iki sany kakasyny deňeşdirýär. Oň hakyky kakasy, garyp kakasy, aýlyk hakyny alyp, ähli çykdaýjylary töläninden soň, artan pulyndan sadaka berýän eken. Oň baý kakasy bolsa, ilki sadaka berip, soň Hudaýyň ugradan pulyny girdeýji hasap edýän eken. Biznes we ekanomika barada kitapda, şeýle informasyýaň gabat gelmegi diýseň geň, ýöne Amerikanlylar näme diýseňem bir zatlara düşünýän bolmaly? Girdeýjilerimden elmydama sadaka bermegi, men hem bir akyma düzdim. Ilki başda meni gysgançlyk eýeleýärdi we öz gazanjymyň laýyk 40-dan bir bölegini hudaý-ýoluna berýärdim. Elbetde ilki bada, sadaka berip başlan wagtyň, Asman mehanizmleriniň işläp başlaryna we beren zadyňy 2 esse edip gaýdyp gelerine garaşýaň. Ýöne kelläňde şeýle pikir bar wagt sadaka berseň, yzyna hiç zat gaýdyp gelenok. Wagtyň geçmegi bilen sadaka bermek ýöne bir endige öwrülýär, eýýäm hiç hili pikirsiz berip başlaýaň we asman mehanizmlary işe girişýär. Edil şu wagt men öz gazanjymyň laýyk 1/10 bölegini berýän, özem awtomatda, hiç hili pikirsiz. Eger sadaka bermegimi goýsam, meň şol bada girdeýjilerim hem kemelip başlaýar. Hekaýalar